# Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň sekizinjisi

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň sekizinjisi
PYGAMBERIMIZ HAKDA DOGRUDYR ÖÝDÜLÝÄN 10 ÝALŇYŞYŇ SEKIZINJISI

Sekizinjisi – «Pygamber ejir çekdirdi, adamlaryň gözüne mil çekdirdi» diýilýär.
Bular hadys kitaplarynda geçýär. Toslama rowaýatda aýdylmagyna görä: «Medineli bir topar gelip, duran goýun sürüsini alyp gidýär, çopanymam öldürýär. Pygamberimiz şol topary sakladyp, yzyna getirdýärmiş we ilki gözlerine mil çekdirip, soň olary Medinäniň daşyndaky daşlyk bir ýere äkidýärmiş. «Bulary şu ýerde goýuň, iýmäge-de bir zat beräýmäň, gynalyp, gygyra-gyra ölüp galsynlar» diýenmiş. Bu nirede geçýär? «Sahyh Buharyda» geçýär. «Hadys»! Ýedi ymamyň ylalaşyga gelen «Hadyslar» diýen bir kitap bar, men ony YŞYD-yň gollanma çeşmeleri diýip, teleýaýlyma çykanymda görkezipdim. YŞYD medeniýetini näme iýmitlendirýär? Ine, şu kitaplar iýmitlendirýär.. Ýedi ymamyň ylalaşyga gelen «Hadyslary», biri-de şu okanym, şunuň üçimem dogry diýip ylalaşyga gelendirler. «Pygamber goýun ogurlady, adam öldürdi diýip adamlaryň gözüne mil çekdirenmiş. Bu diýilýän zat kysas düzgünlerine ters, mil çekme diýen zat bolup bilmez. Kim öldüren bolsa kysasy şol… Gözüne mil çekdirmek nämäniň alamaty? Açlyga terk etmek nämäniň alamaty? Bu kitaplar muny nädip ýazyp bildikä?
«Gerçek Hayat» žurnaly «Hasâis-i Kübra» («Pygamberimiziň aýratynlyklary») atly müň sahypalyk sowgat beripdi, men şol wagtlar bu žurnalda ýazypdym, ýalňyşmasam 2007-nji ýylda bolmaly. Şu aýdýanlarymyň barsy «Hasâis-i Kübra»-da bar, kitap «aýala keselinden gutulsyn diýip peşewini içirdi» diýýär. Ýassyk ýaly kitap «adatdan daşary taraplary bilen pygamber»…

YŞYD diýeniñ, ine, şulary okaýar. Gidiñ, indi YŞYD-çylardan sorañ: bir adamyñ gözüne gaşyny çytman milem çekip bilýär, bir adamyñ boýnuny gözüni gyrpman oñrubam bilýär, aýaly ikinji derejeli adam ýerine-de goýup bilýär, gyrnagam edip bilýär. Bilaryñ barsy öñ «ýazylanmyş», çünki "çeşmelerde" bar. Adam bulara seredip, «bar-a, gardaşym bular, sen näme diýip otyrsyñ», bular diniñ şerti» diýýär. Bulara biz seljerilmedik köne yslam medeniýeti diýýäris. Bular bilen ýüzleşip, hasaplaşyp bilmesek, öñüni almak kyn bolar. Erte bir gün geler, bizi-de şeýderler.

Rejep IHSAN ELIAÇYK. Taryhy makalalar